# Gardaşym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gardaşym GARDAŞYM



Kimler üçin dälisiň,
Kimlere-de dolusyň.
Özüň-özüň ýalysyň,
Sen seýik bol, gardaşym.
Köp görensiň jetleri,
Jana dertdir gepleri,
Açylar müň sepleri,
Sen beýik bol, gardaşym.

Deňizde sal gerekdir,
Ol her kime Erekdir.
Ogul-gyzyň kürekdir,
Sen gaýyk bol, gardaşym.

Şagallara şam bolma,
Şir ýanynda ham bolma,

Açgözlere jam bolma,
Sen doýuk bol, gardaşym.

Nirde geldiň kemala?
Köwsarlama şemala.
Näme diýer zamana?
Ýa köýük bol, gardaşym.

Oýny köpdür haýýaryň,
Goý, göçmesin haýýadyň.
Kör bolsun, goý, saýýadyň,
Bolma keýik, gardaşym.

Ýatladym Rüstem, Zaly,
Şirim, ýa Hezret Aly!
Diýr atam Çary Baly:
– Sen beýik bol, gardaşym!

22.06.2024. Goşgular